# Zombi neýrologiýasy

Category: Kitapcy,Psihologiýa
написано kitapcy | 23 января, 2025
Zombi neýrologiýasy ZOMBI NEÝROLOGIÝASY




- **Zombi neýrologiýasy bolup bilermi?**

Elbetde, isleseñiz, bolup biler!
Ylmy-fantastiki kinofilmlerde we kitaplarda barmak büküp sanardan köp mysallara duş gelensiñiz: Hamala dünýäni aldym-berdime salýan wirus gaplap alýar, wirusa ýoluganlar birden-bire zombileşmäge başlaýar. Meselem, **“I am Legend”**. Kim häzirem tomaşa etmedik bolsa, muny hökman alyp görmegi maslahat berýärin.

- **Zombiler çendenaşa serhoş ýagdaýda bolup bilerlermi?**

Lukmanlar alaçsyz halda munuñ antiwirusyny tapmaga çytraşýarka, adamlar zombilerden gaçjak bolýar, aldym-berdimpi yzarlaýyş we adrenalini ýokary döwüş sahnalary bilen garşyma-garşy gelersiñiz. Çüýreşen hamlar, entirekläp – aragy aşa köp içen arakhoruñ ýöreýşini ýatladýan ýöreýişler, düşnüksiz iññildiler we beýnä agram salýan diýetler – bular zombilere mahsus häsiýetleriñ diñe birnäçesi.
Frankenşteýn, Kont Drakula ýaly legendarlaryñ ýanyna adyny ýazdyryp başaran zombiler diñe fantastiki eserleriñ muşdaklaryny däl, eýsem alymlaryñam ünsüni özüne çekýär. Näme üçin diýseñiz?

- **Zombileriñ geñsi hereketleriniñ syry**

San Diegonyň Kaliforniýa uniwersitetinden Bredli Woýtek we Karnegi Mellon uniwersitetinden Tom Werstynen «zombi muşdaklaryndan» bolan iki sany neýrohünärmen. Zombi hereketleriniň aňyrsynda ýatan (bolup biläýjek) biologiýa bilen gyzyklanan bu iki ýoldaş baryp-ha talyp döwürleri muňa jogap agtarypdyrlar. Siziňem bilşiňiz ýaly, teleseriallarda we kinofilmlerde esasan iki hili zombiler bardyr:
1). Hereketi haýal – çaman zombiler;
2). Hereketi çalt – çakgan zombiler.
Woýtekiň pikiriçe, çaman zombiler organizm koordinasiýasyndan binesip bolandygy we gapylary açyp bilmeýändigi sebäpli, olar kiçi beýnilerinde bir ýetmezçilik bolaýmaly. Çünki mini beýni hökmünde tanalýan bu ýer koordinirlenen hereket babatda uly rol oýnaýar.
Muňa garamazdan, ähli zombileriň hakydasy pesdir. Barlagçylar olaryň aň aýratynlyklarynda düýpli ýetmezçilikleriň bolmagynyda, öňki loblarynyň talabalaýyk işlemeýändigi üçin bolup biljekdigini orta atýarlar. Bu düşündirişlere salgylansak, aslynda zombiler «düşünişme kynçylygyny» başdan geçirýän bolarly. (Aslyýetinde bu döwürdeş adamlarymyzyň ýagdaýyna ynjalykdan gaçyrjak derejede çalym edýär!) Eýse bu babatda nägileligimiz barmy? Bardyr öýdemok. Näme-de bolsa, zombileriň biziň bilen dil tapyşmagyny, düşünişip gitmegini isleýän bolsak gerek.

- **Zombileriň beýnisi siziň pikir edişiňiz ýaly däl**

Zombileriň beýni funksiýalarynyň birnäçe tarapdan alanda näsazdygyna göz ýetirmek kyn däl, emma olaryň ys alma ukybynyň bardygyny görmezlige salyp bilmeris. Aýdaly, diri adam bilen maslyk bolup ýatan zombini tapawutlandyrmaga olar diýseň ökde. Zombileriň käbir görnüşi sese garşy hem täsin intuisiýasy bar. Biz saza bolan teşneligimize «saz gulagy» diýýändiris. Edil şolar ýaly derejede olaryňam ses duýma ukyby güýçli. Özem çalaja tykyrda hem müňzäberýärler!
Bu fantastiki mahluklar hakynda kelle agyrdýan başga bir ylmy barlagçylaryň birem Garward uniwersitetinde çaga psihiatristi

bolup işleýän **Dr. Steven Schlozman**.
Ol özüniň **«Zombi ekspertizalary»** kitabynda zombi biologiýasynyň we zombi wirusynyň hyýaly hakykatda nähili amala aşjakdygynyň üstünde pikir alyşýar.
Schlozman seljermesine bu wirusy güýçlendirip biljek hadysany derňemekden başlaýar. Zombi keseli pidalaryna nädip ýokuşýar? Elbetde, dişlemek arkaly! Emma Schlozmanyň romany howada gaýmalaýan we ýeke üsgülewükde birinden başga birine geçýän, ýörite taýýarlanan wirusdan söz açýar. Schlozmanyň suratlandyran zombi wirusy beýnidäki «söweş ýa-da gaç» pikirinden jogapkär badam şekilli amigdala çenli gemrip taşlaýan bolmaly.
Zombiler köplenç beýin diýetalaryna arakesme bermeýärler. (Meselem, wegan zombi ýok.) Çünki, beýniniň beýleki möhüm bolan – doýýandygymyzy duýdurýan (ventromedial hipotalamus) duýgy olarda işlänok diýen ýaly. Beýniniň mesele çözmäge ukyply öňki loblaram wirus tarapyndan gemrilendigi üçin zombiler garjaşyk kararlary hem kabul edenok. Meselem, walýuta dolanşygyndaky pese gaçmalar we ýokarlanmalar olara gyzykly däl.

- **Aýdaly, 2020-nji ýylda zombi çozuşy bolsa?**

Aýdaly, gözelliklerden doly şu 2020-nji ýylymyz hasam ajaýyplaşdy we zombiler dünýäni ele geçirdi. Şol wagt täsin pikire gaplanarsyňyz. Bir zombini nädende öldürip bileris? Käbir fantastiki zombi eserlerinde zombilere garşy uruşýan gahrymanlarymyz bu mahluklary kellesinden (urup, mynjyradyp, kesip we ş.m.) öldürýändirler, ýadyňyza salyň. Eýse, nämüçin? Munuň sebäbi, megerem, bedeniň iň esasy işlerini dolandyrýan «beýin sapy» diýilýän böleginiň beden bilen baglanşygyny kesmek bolsa gerek. Sebäbi, kelle ýok ýerinde ne dem alma bar, ne ýürek urşy. Eýse, zombilerde bular barmy? Ony anyk bilemzok…
Aslynda bu ýazgynyň düýp maksady şu:
Ylym elmydama real we köplenç iriziji problemalar bilen gyzyklanmaga borçly däl. Siz nämäni isleseňiz, ylym we ylmy

düşünje şoña görä-de peýdaly bolup biler. Emma size ýatladýaryn: meselem, Marwel gahrymanlarynyñ, ýa-da adaty ekşn kinofilmlerdäki personažlaryñ fiziologiki we añ mümkinçiliklerini ylmy taýdan analizlemäge synanyşsañyz, kinofilmleriñ duzy-tagamy gaçyp biler. Biziñki diñe ýatlatmak. Iñ gowsy, oturagetdin, tomaşa edip keýpini görmek!

P.S.: Sarymsak iýip zombilerden goranyp bilmersiñiz.

Wera SARA POÝRAZ. Psihologiýa